# Sadyk her guly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sadyk her guly SADYK HER GULY



Özün tanamaýan eý adam ogly,
Garnyň nejasatdan, burnuň maňkaly.
Öz aýybyn görmeýen ne aýyba dogry,
Jalbara örtülen syrtyň kaňkaly.
Allasyn bilmeýen kişi zir-zebil,
Pygambere uýmadyk iman ne kepil,
Atany enäni ynjydan gapyl,
Haýyp ömrün ötür, aň et warkaly.

Gylygyň nä bolsa bahaň şol bolunar,
Haýyryň, şeriň, abraýyň görüner,
Ogul-gyzyň edebiňden biliner,
Ömür bir gezeklik, süpür çaň keli.

Akylly dogurlar, akmak boş gürlär,
Mert jomartlyk eder, namart hoş arlar,
Bigaýrat ejizi ýygladar, horlar,
Her kes hasap berer, çişme arkaly.

Gybat bendesiniň ömrün har eder,

Töhmet din imanyň köýdürer ider,
Yman päl kysmata nejasat iýdir,
Zäher-zakgun bolar, bilseň Hak guly.

Halmyrat süňksiz til başa beladyr,
Diş, dodak ol bela mäkäm galadyr,
Ýagşydan söz etseň abraý, haýadyr,
Ýaman til köýdürer, sadyk her guly.

01.03.2024 ýyl. Goşgular